# Süleýman patyşa hem ikatýok hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Süleýman patyşa hem ikatýok hakynda hekaýat **Süleýman patyşa hem ikatýok hakynda hekaýat**



Süleýman şa oýananda ir bilen,
Dürli guşlar onuñ ýanyna gelen.
Guşlañ dili hökümdara aýanmyş,
Oñ başga-da artyk tarapy känmiş.

Eger-de ýürekler bolanda ýakyn,
Düşünişmek düşenogam beýle kyn.

Kalplar bir-birine bolanda bendi,
Arkaýyn düşünişer türk bilen hindi.

Ýürekleñ urgusy çapraz bolanda,
Düşünişmez öz dogany bilen-de.

Yns-jyns goýjak bolsa bir-bire gadyr,
Esasy zat – ýürek ýakynlygydyr.

Şoñ üçinem, guşlar dost-dogan deýin,
Patyşañ ýanyna barýar arkaýyn.

Guşlaryñ her biri şanyñ öñünde
Öz başarnygyny magtap öwündi.

Ahyr Ikatýogyñ gezegi geldi:
«Meniñ duýgurlygym bar kişä belli.

Zeminiñ teýinde nirde suw baryn,
Bulañ arasynda bir men bilýärin.

Uçaýyn ha pesden, ha-da belentden,
Ýerasty suwlara diýseñ belet men.

Sen çöle çykañda ýa-da ýörişde,
Halasgäriñ borun göýä perişde».

Süleýman seslendi: «Bu örän gowy,
Tapyp bilýän bolsañ tenekar suwy,

bizden asla hyzmatyñy gaýgyrma,
Çöle çyksak, ýanymyzdan aýrylma.

Gara Gargañ iç köýüp bu hala,
Gagyldady: «Şahym, guryar ol hile.

Bolýan bolsa beýle duýgur, üşükli,
Oñ çirtmege düşmejegi düşnükli.

Başarsa-da öwnüp, bogaz ýyrtmagy,
Saýgaranok ýerde gurlan çirtmegi!»

Bu sözleri eşdip, oýa batdy şa:
«Olam beýlekiler ýaly bir guş-a.

Ýalan bolup barýar çyndyr öýdenim…»
Diýip, makullady Gargañ aýdanyn.

Ikatýok duýup öz agyr ýagdaýyn,
Diýdi: «Şahym, saña bir zat aýdaýyn.

Pähim et-de, düşün şeýle bir zada:
Sözden gudratly zat ýokdur dünýäde.

Çyn dostuñ agzyndan çyksa ol eger,
Ýalan däldir, gulak asanña deger.

Görüplikden Gargañ içi çürüşdi,
Aramyzy bozmañ kül-külüne düşdi.

Onuñ ýalan gagyldysyn diñläniñ
Bela duçar boljagyny bilýärin.

Onsoñam, bir men däl, gezek-gezegne
Düşýäris barymyz pelek duzagna.

Berlenok hiç kime ebedi ömür,
Saýgaranyñ, saýgarmanyñ bary bir…» Goşgular